# Perişdeleriñ jynsy

Category: Kitapcy,Maliýe we ykdysadyýet
написано kitapcy | 23 января, 2025
Perişdeleriñ jynsy PERIŞDELERIÑ JYNSY

Fatih Soltan Mämmet Konstantinopoly, ýagny Stambuly eýelemegä taýýarlyk görüp ýörkä, şäherdäki käbir ruhanylar (elbetde, hristian ruhanylary, ýalñyş düşünmäñ) «perişdeler erkekmi ýa urkaçy» diýip jedelleşýän eken. Bu hekaýag «iññän uly howp abananda, peýdasyz we gereksiz meseleleriñ üstünde jedele girýänleri» tankyt etmek üçin aýdylýar. Dogrumy, ýalñyşmy, ony bilemok. Meniñ özüme-hä toslama hekaýat ýaly bolup görünýär. Emma elmydama we hemme ýerde ýalan gep-gybatlary çyn ýaly edip jedelleşip ýörenler bar (sagat 10:00-dan soñ TW-lardaky çekişme gepleşiklerine tomaşa edip göräýiñ). Şol döwürlerde-de Wizantiýada şular ýaly birküç boş paşyrdawuk popuñ ýaşap geçen bolmagy gaty mümkin zat. Emma bu hekaýatyñ bolup geçendigi ýa geçmändigi esasy zat däl. Esasy gep – bu hekaýatyñ many-mazmunynda. Olam şu: gyssagly taýýarlyk görmeli işler durka, dogry çözgût kabul etmegine garaşylýanlar başga zatlar barada ýañrap ýörmese gowy. Eger artykmaç ýañrap ýörseler, ulama hem bolsa aýdýanlaryny äwmän we olary sylaman başlarlar.

## ■ MEZAT TEORIÝASY (AUCTION THEORY)

2020-nji ýylda ykdysadyýet ugry boýunça Nobel baýragy «mezat (auksion) teoriýasynyñ» üstünde işlän iki amerikaly professora berildi.
Geçmişde meñzeşine kän duş gelinmedik köpçûlikleýin ýokanç keseli zerarpy dünýä ykdysadyýeti çepbe-çöwrülip we munuñ aşagyndan nädip çykyljagy belli bolman durka, Şwed korollygynyñ Ylymlar akademiýasynyñ «Ykdysat Nobelini» «mezat teoriýasy» ýaly gereksiz temanyñ üstünde işlän kişilere bermegini geñirgenmek bilen garşyladylar. Menem muny «perişdeleriñ jynsy çekişmesine» meñzetfim. Herhal, 2020-nji ýylyñ Nobel baýragyny almaga hödürlenen birnäçe ylmy iş we

alym bardy.
Baýragy berenleriñ neçûýn bu pikire gelendigine düşünmäge çalyşdym. Baýragyñ kime berlendigi barada aýdylanyna bir hepde geçdi. Gelen netijäm şu boldy: koronawirus ýokanjy döwründe we ýokanç geçensoñ ýöredilmegi derwaýys ykdysady we maliýe syýasaty boýunça işlän ykdysatçylar bar, emma bularyñ hiç biri-de Nobel baýragyny almaga mynasyp derejede model işläp düzmedi. Şeýle-de «wawwaly» mesele bolandygy üçin b boýunça makala ýazanlara Nobel baýragy beriläýesi ýok diýip oýlapdyrlar.

## ■ NYRH MEHANIZMI

“Erkin bazar” ykdysadyýetine serenjam berýän görünmez eliñ göz öñüne tutýan zady – nyrh mehanizmidir.
Nyrhlaryñ “çeşme bölünşiginiñ optimizasiýasyny” (ýagny, girdejiniñ artyşynyñ maksimizasiýasy) geçirip bilmek üçin «nyrh mehanizmi» göwnejaý işlemelidir. Mälim nyrh teoriýasy «bazar nyrhy» diýilýän nyrhyñ dogry ýerde durmagy üçin gerekli şertleri şeýle sanaýar:

1. Bazarda “köp alyjy-köp satyjy” bolmaly;
2. Monopoliýa ýa-da kartel bolmaly däl;
3. Bazara girip-çykyşlar erkin bolmaly;
4. Maglumatlar elýetlerli we bäsdeşlik adyl bolmaly.

Emma bu sanalýan şertler hemme pudakda ýöräp duranok. Çünki ykdysadyýetde birnäçe pudakda tebigy, kanuny ýa-da tehnologiki taýdan monopoliýalaşmak gutulgysyzdyr.
Bir şäherde on sany howa menziliniñ geregi ýok. «Howa ýollary şereketleri uçarlaryny petekleriñ we iniş rugsatnamasynyñ nyrhyny iñ arzan nyrhda işledýän howa menziline gondursyn» diýip bolmaýar. Derman önümçiliginde, energetikada, tebigy gaz we agyz suwy paýlanşygynda, jemgyýetçilik ulag serişdelerindw, radio we TW tolkunlarynyñ bölünşiginde monopoliýalaşma gutulgysyzdyr. Bu pudaklarda nyrh döwletiñ kesgitlän auksionlary bilen ýöreýär.
2020-nji ýylyñ Nobel baýragyny alanlar «ýeñillikli tenderleri nähili ýerine ýetirseñ, nyrhlar satyjy üçinem, alyjy üçinem,

jemgyýet üçinem iñ dogry ýerde bolar» diýen temanyñ üstünde işląpdirler we çözgüdiñ modelini kämilleşdiripdirler. Ýagny, «perişdeleriñ jynsy» bilen känbir gyzyklanyp durmandyrlar.

Soñky söz: **Bazarda gören her nyrhyñ bazaryñ nyrhy däldir.**

Ege JANSEN.

«SÖZCÜ» gazeti, 22.10.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW. Maliýe we ykdysadyýet